***Hut şu mowzuk esasynda guraljak BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahaty Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy ähmiýetli wakalarynyň biridir. Dostluk mekany Awazada geçiriljek halkara forumda gazanyljak ylalaşyklar, kabul ediljek çözgütler Bitarap döwletimiziň döwrebap ulag-logistika ulgamynyň sebit we yklym ähmiýetli ýollaryň ösmegindäki ähmiýetini has-da artdyrar.***

Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça halkara maslahaty ilkinji gezek 2003-nji ýylyň awgust aýynyň 28-29-yna Gazagystanyň Almaty şäherinde guraldy. Forumda ýurtlaryň geografik çäklendirmeleriniň ykdysady ösüşe ýetirýän täsiri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şol ýerde kabul edilen Hereketleriň Almaty maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň halkara hyzmatdaşlygynyň binýadyny emele getiren resminama hasaplanýar.

2014-nji ýylyň 3 — 5-nji noýabry aralygynda Awstriýanyň Wena şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça ikinji halkara maslahaty guraldy. Forumda birinji halkara maslahatda kabul edilen hereketler maksatnamasyna ählitaraplaýyn baha bermek, üstaşyr ýük gatnawlary hem-de halkara söwdasy babatda milli, sebit we sebitara, halkara strategiýalary kesgitlemek, täze emele gelýän we geljekde ýüze çykyp biljek şertleri, mümkinçilikleri göz öňünde tutmak arkaly üstaşyr gatnawlar ulgamlarynyň meselesine garamak, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aýratyn zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga hem-de olaryň öňünde durýan meseleleri çözmäge bütindünýä derejesinde ygrarlylygy berkitmek ýaly wezipeler ara alnyp maslahatlaşylýar. Maslahatda kabul edilen Hereketleriň Wena maksatnamasy ösüş strategiýalarynyň utgaşdyrylmagynda möhüm çäreleriň biridir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 11-nji aprelinde «BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnama kabul edildi. Resminama laýyklykda, Baş Assambleýa tarapyndan ýurdumyzyň degişli teklibine uly hoşallyk bildirilmek bilen, iri halkara forumy «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýokary derejede geçirmek bellenildi. Şol Kararnamada halkara maslahatyň geçirilmeginiň netijesinde 2024 — 2034-nji ýyllar döwri üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny kabul etmek bellenilýär.

**Muhammetmurat NARMEDOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026